THE
ASHGABAT
TIMES

# Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygynyň Russiýa Federasiýasynyň Tatarystan Respublikasynyň Raisi bilen duşuşygy

28.04.2024, Halkara ahalteke atçylyk sport toplumynda guralan baýramçylyk dabaralary tamamlanandan soňra, türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Russiýa Federasiýasynyň Tatarystan Respublikasynyň Raisi Rustam Minnihanow bilen duşuşdy.

Duşuşmaga döredilen mümkinçilik we Türkmen bedewiniň milli baýramy mynasybetli guralan giň möçberli dabaralara gatnaşmaga çakylyk üçin hoşallyk bildirip, myhman Gahryman Arkadagymyza Russiýa Federasiýasynyň Prezidenti Wladimir Putiniň hoşniýetli arzuwlaryny we gutlaglaryny ýetirdi. Bellenilişi ýaly, biziň ýurtlarymyzy iki halkyň taryhyň dowamynda emele gelen medeni-ruhy umumylyklaryna esaslanýan özara bähbitli hyzmatdaşlyk baglanyşdyrýar.

Tatarystanyň Raisi hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow bilen duşuşygynyň netijeli häsiýete eýe bolandygyna ünsi çekdi. Onuň dowamynda ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy ösdürmegiň geljekki ugurlary ara alnyp maslahatlaşyldy. Şeýle-de myhman gatnaşmak bagty miýesser eden baýramçylyk dabaralarynyň giň möçberli häsiýete eýe bolandygyny belledi.

Pursatdan peýdalanyp, Rustam Minnihanow Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowy Türkmen bedewiniň milli baýramy bilen gutlady.

Gahryman Arkadagymyz myhmany mübärekläp, ony myhmansöýer türkmen topragynda görýändigine şatdygyny belledi. Tatarystanyň Raisiniň Türkmenistana saparynyň ähmiýeti barada aýdyp, türkmen halkynyň Milli Lideri munuň biziň halklarymyzyň arasyndaky dostlukly gatnaşyklaryň ýokary derejä eýedigini, ruhy gymmatlyklaryň umumylygyna esaslanýandygyny subut edýändigini aýtdy.

Hormatly Arkadagymyz duşuşygyň baýramçylygyň çäklerinde geçirilýändigini we myhmanyň şeýle dabaraly pursatlarda biziň şatlygymyzy paýlaşyp, Türkmen bedewiniň milli baýramçylygy mynasybetli guralýan dabaralara gatnaşýandygyny belledi.

Nygtalyşy ýaly, bu baýramçylyk Türkmenistanyň medeni durmuşynda möhüm orny eýeleýär. Çünki ahalteke bedewleri taryhy gymmatlyk bolmak bilen, türkmen halkynyň gadymy däplerini özünde jemleýär. Türkmenistan dünýäde uly meşhurlyk gazanan ahalteke tohumly ajaýyp atlaryň gadymy mekanydyr. Olar milletimiziň buýsanjydyr we halkymyzyň dünýä beren gymmatlygydyr.

Gahryman Arkadagymyz belent mertebeli myhman bilen daglyk ýerleriň gözel künjeginde, çeşmäniň ugrundaky baglarda gezelenç etdi. Gezelenjiň dowamynda türkmen-tatar hyzmatdaşlygyny mundan beýläk-de çuňlaşdyrmagyň käbir meseleleri ara alnyp

Все права защищены

save pdf date >>> 25.11.2024

maslahatlaşyldy. Söhbetdeşler ikitaraplaýyn gatnaşyklara mahsus özara düşünişmegiň we ynanyşmagyň ýokary derejesini kanagatlanma bilen bellediler. Munuň özi hyzmatdaşlygy dürli derejelerde netijeli ösdürmek üçin ygtybarly binýat bolup durýar. Bellenilişi ýaly, Türkmenistany we Tatarystany köpasyrlyk taryhy gatnaşyklar, halklaryň medeniýetiniň, diliniň, däp-dessurlarynyň umumylygy baglanyşdyrýar.

Duşuşygyň dowamynda türkmen halkynyň Milli Lideri Türkmenistanyň Russiýa Federasiýasy bilen ýola goýlan netijeli gatnaşyklaryň çäklerinde doganlyk Tatarystan bilen köpugurly hyzmatdaşlygy giňeltmek ugrunda alyp barýan işlerini mundan beýläk-de dowam etdirmäge meýillidigini tassyklady.

Häzirki döwürde ýurdumyzda durmuşa geçirilýän giň möçberli, uzak möhletleýin döwlet maksatnamalary daşky gurşaw bilen sazlaşykly gatnaşyklaryň ýola goýulmagyna, ekologik taýdan arassa ykdysadyýetiň döredilmegine gönükdirilendir. Milli Liderimiziň asylly başlangyçlarynyň hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda üstünlikli dowam etdirilmegi netijesinde ýurdumyzda ýaş agaç nahallaryndan we ýylyň ähli paslynda gök öwüsýän seýilgählerden ybarat gök zolaklaryň çägi yzygiderli giňeldilýär. Watanymyzyň dürli künjeklerinde müňlerçe gektara uzaýan tokaý zolaklary emele geldi. Gerimi boýunça ägirt uly tokaý maksatnamasynyň durmuşa geçirilmegi howanyň üýtgemegi bilen baglanyşykly oňaýsyz ýagdaýlara garşy umumydünýä tagallalaryna goşulýan ägirt uly goşantdyr.

Gahryman Arkadagymyz Türkmen bedewiniň milli baýramy mynasybetli aýdan gutlag sözleri üçin, Rais Rustam Minnihanowa minnetdarlyk bildirdi.

Soňra Köpetdagyň gözel künjeginde ýerleşýän “Gala” medeni-dynç alyş merkezinde RF-niň Tatarystan Respublikasynyň Raisiniň hormatyna Türkmenistanyň Prezidentiniň adyndan resmi kabul edişlik guraldy.

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow we Russiýa Federasiýasynyň Tatarystan Respublikasynyň Raisi Rustam Minnihanow mähirli hoşlaşyp, birek-birege berk jan saglyk, işlerinde mundan beýläk-de üstünlikleri, iki ýurduň doganlyk halklaryna bolsa parahatçylyk, abadançylyk, rowaçlyk arzuw etdiler.

**TÜRKMENISTANYŇ MEJLISI**

Все права защищены

save pdf date >>> 25.11.2024